# Keleş-Nikof…

Category: Kitapcy,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 24 января, 2025
Keleş-Nikof… KELEŞ-NIKOF…




Şolar ýaly derejede haýran galjagymy bilemokdym…
Hamala, elimde saklap oturan kitabym türk futbolçysynyň dälde, söz baýlygyna eýe we onuň çuňluklaryna aralaşyp bilýän jümleleri ýazmaga ussat edebiýatçynyň galamyndan çykan ýalydy…
Garşymda Atilla Ilhanyň beýtlerinden ýazýan, Oguz Ataýdan sitatalar alýan futbolçy bardy…
Göýä Eduardo Galeanonyň futbol dünýäsindäki gynançly we şatlykly pursatlary beýan edýän «Kölegede we günde futbol» kitabyny okaýan ýalydym…
Göz öňüne getiriň: türk futbolçysy okap täsirlenen roman obrazlaryndan hyýalynda futbol duşuşygyna çykarjak 11 futbolçysyny ýazypdyr:
– Derwezede Balzagyň gyzlaryny eý görüp goraýan «Gorio atasy»…
– Goragyň sagynda Jek Londonyň «Martin Ideni»…
– Goragyň merkezinde Wiktor Gýugonyň «Sepil-sergezdanlaryndan» düzgünlere berk eýerýän Ýawert bilen Dostoýewskiniň «Doganlar Karamazowlaryndan» soragsyz-sowalsyz Dmitriý…
– Goragyň çepinde Turgenýewiň «Atalar we ogullaryndan» batyrgaý gozgalaňçy Bazarow…
– Orta meýdanyň ortasynda Wiktor Gýugonyň ýene-de «Sepil-sergezdanlaryndan» ýalňyşlyklaryndan sapak alan güýçli obraz Žan Walýean…
– Hüjüme taýýar iki ganatdaky oýunçysy: kimiň näme diýýändigine pitiwa etmeýän, batyrgaýlyk bilen garşydaşynyň üstüne ynňdarylýan Tolstoýyň «Anna Kareninasy» we Serwantesiň «Don Kihoty»…
– Jübüt forwetiň göni yzynda Albert Kamýunyň «Keseki»

romanyndaky sowukganly Meursault…
– Öňdäki ikide adalaty öz elleri bilen dargadan Dostoýewskiniň «Jenaýat we jezasyndan» Raskolnikow we Ýaşar Kemalyň «Inçe Mämmedi»…
Ýogsa-da, baş tälimçisi kim? Ergin Keleş!
Hezil edip okan kitabymyň ironiki ady bar: «Nädip ýyldyz boljak däl?» (“Nasıl Yıldız Olunmaz?”)




## • SÖZLERINIŇ AŇYRSY

Futbol muşdaklary Ergin Keleşi gowy tanaýar.
Futbola gyzykmaýanlara-da bu at azda-kände tanyşdyr diýip pikir edýärin. Şeýle:
2017-nji ýyl. «Karabük»-«Siwas» futbol duşuşygyndan öňinçä oýny ýaýlyma berýän telewideniýäniň göni ýaýlymynda ady agzalan Ergin Keleşiň sözleri sosial mediýada ýyldyrym çaltlygynda ýaýrady:
*«- Hawa, häzir sözüme futbol bilen başlamagy aýyp hasaplaýan. Şu gün – dörän gününden bäri baknalyga boýun egmän gelen, garaşsyzlygyna aşyk bolan milletiň agalygyny gepsiz-gürrüňsiz ýagdaýda öz ellerine alan, muny-da jümle-jahana jar eden güni.*

*29-njy oktýabr – Respublika baýramyňyzy çäksiz buýsanç bilen, tükeniksiz hormat bilen mübärekleýärin. Bu ajaýyp güni bize peşgeş eden müdimilik baş serkerdebaşymyz Gazy Marşal Mustapa Kemal Atatürki we watanymyz üçin göreşen şol ajaýyp adamlaryň ähllisini uly hormat bilen, rahmet bilen ýat edýärin. Respublika baýramymyz gutly bolsun!..»*

Ergin Keleş kitabynda munuň aňyrsyny ýazyp, pikirini paýlaşýar:

*«- Bu sözler ýurtda uly seslenme döretdi. Bir ýaş ýigit ýurdunyň iň esasy baýramçlygyny gutlapdyr diýip, öwgi almalymy? Hemmeler şu meselede şeýle duýgulara beslenmeli dälmi näme? Hemişe diýen ýaly ýaşaýan geografiýamyzyň, ýurdumyzyň taryhy bilen gyzyklandym we elimden geldigiçe öwrenjek boldum. Öwrenjek bolýan zadymy toparda bile oýnaýan futbolçy ýoldaşlaryma-da ýetirmäge jan etdim. Okap-öwrenýän her günüm Atatürki hasam gowy görüp, onuň gadyr-gymmatyna hasam gowy düşündim… Atatürki halamaýan adamlara hiç düşünmedim, düşünerinem öýdemok…»*

## • GIŇ GÖZÝETIMLI ASY

Ergin Keleş…

Elinden kitap düşürmeýän we futbolçylaryna hemişe okamagy ündeýän legendar futbolçy-tälimçi Özkan Sümeriň okuwçysy…

Olam hemişe toparda bile oýnaýan ýoldaşlaryna kitap okamaklaryny ündeýär.

*«- Geň eşdilmegi ahmal, emma ýaş futbolçylaryň köpüsi durmuşa bolan garaýyşlarynyň, düşünjeleriniň özlerini alyp barşyna, hatda futbol oýnuna täsir edip bilýändigini bilenoklar. Ýaş ýigit hemme zatdan öň töwerekleýin düşünmeli, onuň öňdebaryjy gözýetimi bolmaly…»*

Ol Arda Turana Marsel Desainiň «Kapitan” kitabyny okamagy maslahat beripdi, Arda hem şobada kitaby alyp okapdy. Başga?

*«- Iki ýaş ýoldaşym bilen otyrkam, olardan Aleks Fergýusonyň kitabyny okap-okamandyklaryny soradym, «ýok, okamzok» diýip jogap berdiler. Dünýäniň iň ezber, iň uly tälimçisiniň biri hasaplanýan adamyň kitaby çykypdyr. Kitabynda Ronaldo, Bekhem,*

*Kantona ýaly ýyldyzlar bilen aralarynda bolan zatlary ýazypdyr, futbol boýunça ajaýyp kesgitlemeleri beripdir, emma gelejekde meşhur futbolçy bolmagy arzuwlaýan ýaşlar muña biperwaý garaýardy. Uly dünýäler bilen gyzyklanmaýan ýaşlaryñ uly futbolçy bolma mümkinçiligi diñe gurçugyñ kebelege öwrülmezden uçma mümkinçiligi ýalydyr…”*

Pese düşen türk futbolynyñ dowam edip gelýän düzgüne dälde, giñ gözýetimli asy Ergin Keleşlere mätäçligi bar…

Ergin Keleş-Keleşnikowyñ «Nädip ýyldyz bolunmaýar?» atly, epigrammaly, temenini özüne batyrýan öwredijilikli kitabyny ilkibaşda futbolçylara, galyberse-de hemmelere hararetle maslahat berýärin…

Soner ÝALÇYN.
syalcin@sozcu.com.tr

«SÖZCÜ» gazeti, 27.05.2022 ý. Sport we turizm